# Magtymguly / roman

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magtymguly / roman **MAGTYMGULY**




*Magtymguly Pyragynyň doglan gününüň 300 ýyllygyna bagyşlanyp Erkin Baýmuhammedowiç Çaryýarow tarapyndan elektron görnüşe geçirildi.*
* * *

Ýazyjy Gylyç Kulyýewiň iki kitapdan ybarat «Magtymguly» romanynda beýik şahyryň ömrüniň hem durmuşynyň belli-belli döwürleri suratlandyrylýar.

1.

Eliň aýasy ýaly tekiz, çaýyrlyk meýdanda ullakan hoz agajy sansyz ýapraklara bürenip, ýeke özi howalanyp otyr. Ýaňy erkine giren güýz paslynyň ýumşaklygyndanmy ýa-da giden meýdana ýyllar boýy ýeke özüniň eýelik edip oturanlygyndanmy, onuň örän bady ýokary, howasy belent: berk, gudratly, gollarynyň käsi dik ýokary göterilip, asmana haýbat atsa, käsi töwerege ganat gerip, dumly-duşy bagryma bassam diýýär. Mawy asmanda lowurdaýan günem onuň öňünde ejiz ýaly görünýär: gyzdyrdygyça göhi gelýär. Ýylytdygyça gylaw alýar.
Ine, şol daragtyň kölegesinde üç sany ýigit gara tüňçäniň goýy çaýyny neşeläp içip, öz peýwagtlaryna gürrüň edip otyrdylar. Olaryň üçüsiniňem ýüz-keşbinde töweregiň açyklygy, tämiz howanyň ýeňilligi duýulýar. Olar wagtal-wagtal joşup, şowhunly gülüşýärler, birek-birege ýomak atyşyp, dostlarça degişip, goh turuzýarlar.
Olar ýene-de hahahaýlaşyp, töweregi şadyýan sesden doldurdylar. Soňra bir sellem dymdylar. Ses-üýn ýatdy, etrap çolaran ýaly boldy. Emma ümsümlik uzaga çekmedi. Gury otuň üstünde donuny ýassanyp ýatan, pälwan syratly ýigit dikelip oturdy-da, nazaryny gabat garşysyndaky ýigide dikdi:
– Magtymguly diýýän-ä… O Çowdur hanyň atlanjak bolýan ýurdy… Wah, ýene-de ady ýadymdan çykdy…
– Gandagar.
– Hawa, Gandagar… Ol Buharadan aňyrdamy-bärde?
– Aňyrda-da däl, bärde-de… Onuň ugry başga… – Magtymguly tüňçesiniň düýbündäki çaýy käsesine guýdy. – Näme, Mäti han, seňem atlanmak hyýalyň barmy?
– Ýogam däl! – Ýigit degişip, bady belentlik bilen jogap berdi. – Ýitirýän zadym näme? Ýurt göreris, ilat bilen tanyşarys. Belkem, hindi hally jenanlardan biri nesip eder!
– He-heý, zaluwat! – Üçünji ýigit, Ýagmyr wagtyhoşluk bilen

güldi. — Ýöne-mön-ä kaýylam däl-ow.
— Ýogsam näme… Şundan şoňa atlanyp ýöne-mönä kaýyl bolar öýdýäňmi? Nerkes gözliniň birini atarys atyň syrtyna. Dünýäniň soňuny görüp gelen ýok. Şeýle dälmi Magtymguly?
— Dogry aýdýaň, Mäti jan, dünýäň soňuny görüp gelen ýok. Ýigitligiň zory barka durmuşdan hakyňy aljak bolmaly. Görmeli, görmeli, bilmeli… Dünýäden gury san bolup geçmejek bolmaly. — Magtymguly ötgür, juwan gözlerini gürrüňdeşine dikdi. — Ýöne weli, bu zamanda höwesiňe ýol açmagam aňsat däl. Ertir şat bolup turýaň, emma öýlän güljegiňe ynamyň ýok. Ynha, sen aýdýaň, nerkes gözliniň birini basarys atyň syrtyna diýýäň. Birden pelek egri bakyp, çykmaz girdaba düşäýseň… Onda nädip bor.
— Aý, onam görüberýäs-dä. — Mäti şol bir degişgenlik bilen jogap berdi. — Täleýinden gaçyp gutulan barmy? Ýöne, Magtymguly men bir zada geň galýan: mundan oňa aýak süýräp gider ýaly, Ahmet şanyň1 bu taýdaky gäbi azanlardan näme gowulygy barka? Olam-a bir gyzylbaşmyşyn.
— Ýok gyzylbaş dälmişin. — Ýagmyr käsesiniň düýbündäki çaýy egnaşyr sepip goýberdi. — Owganmyşyn. Özümiz ýaly sünnümişin. Adyl şamyşyn. Raýatyny hut öz perzendi ýaly görýämişin.
— Päheý, senem, Ýagmyr! — Mäti garaçyny bilen seslendi. — Sadalygyňam gözüni çykarýaň. Özi şa borda, adyl bormy!
— Näme bolman! Öten agşam ýaşullaň gürrüňüni eşitmediňmi?
Magtymguly gabagyny haýal galdyryp, ýoldaşlarynyň ýüzüne dykgatly seretdi. Onuň keşbi üýtgäpdi, ýap-ýaňy biagyrylyk bilen ýylgyrýan gözler indi agras agyp dönýärdi. Ol ýoldaşlarynyň çekeleşikli gürrüňini diňläp oturşyn, çekeleşikli mesele barda öz pikirini aýtmaga taýýarlanýardy. Ahmet şa Dürrany… Çowdur han… Olar barada myş-myş gürrüňler agyzdan-agyza geçýärdi, uly ili howsala salypdy. «Çowdur han Ahmet şanyň huzuryna, Gandagara atlanjakmyşyn… Özi bilen atly baryny äkitjekmişin… Şadan ýörite nama gelipmişin…» Gep-gürrüň kändi, ýigitleriň bu barada çekeleşmegi sebäpsiz ýere däldi.
Magtymguly howlukman gepledi:
— Öňde bir durmuşdan agzy bişen biçäre adalat gözläp Anuşirwan adylyň2 dergähine barypdyr. Şahyň nökerleri oň başyna oýun

baryny getiripdirler. Biçäre durup bilmän, jany-jigeri bilen jibrinipdir: «Ah-ow, agalar… Men adalat gözläp, dünýäň o çetinden geldim. Maňa azar bermäň. Anuşirwan adyla arz ederin» diýipdir. Onda nökerlerden ekabyrragynyň biri, gamçysyny towlap, biçäräniň tumşugyna kakypdyr-da: «Eý, mahaw… Anuşirwan adylyň amanadyny tabşyranyna bir hepde boldy. Adalat diýýäniňem bendäniň meýdi ýuwulup-ýuwulmanka, Sumrug guş ganatyna dolap äkitdi. Adalat agtarýanlygyň çyn bolsa, bar, ony asmandan agtar. Adalat asmanda!» diýipdir.
— Haý, berekella! — Mäti hezil edip güldi-de, Ýagmyryň ýüzüne gyjytly garady. — Eşitdiňmi? Şalar küja, adyllyk küja! — Mäti ýeriden silkinip galdy. — Tur, men saňa adalatyň nämedigini görkezeýin!
Ýagmyr ýerinden gozganmady. Mäti onuň golundan ýapyşdy-da, özüne bakan çekdi. Olar ýumşak çaýryň üstünde basalaşdylar. Magtymguly oturan ýerinden meçew berdi.
— Ýagmyr! Yza tesmegin. Ýagydan gaçyp gutulup bolmaz!
Ýagmyr namysa galmajak bolup bar güýjüni tijedi, emma Mäti oňa başartmady. Onuň demir ýaly berk, berdaşly gollary gysyp-gowrup barýardy. Ynha, ol birden Ýagmyryň bilinden şapba ýapyşdy, «Ýa, Alla!» diýip, dikýokarlygyna göterdi, çaýyryň ösgünräk ýerine pylçap urdy. Oňa-da kaýyl bolman, garnyna atlanyp mündi, bokurdagyndan ýapyşdy, ýalandan haýbat atdy:
— Adalatyň nämedigini görkezeýinmi?
Magtymguly ýerinden böküp turdy-da, Mätiniň üstüne okduryldy:
— Görkez!
Kömekçi ýetişenligini duýup, Ýagmyram gujurlandy. Mätini iki bolup, gabyrdadyp basdylar, üstüne syrtlaşyp mündüler. Magtymguly onuň bokurdagyna elini ýetirdi-de:
— Adalatsyzlygyň nämedigini görkezelimi? — diýip, tümmerip duran kekirdegini çalaja gysdy.
Mäti gozganman ýatyşyna, Magtymgulynyň ýylgyryp duran gözlerine gaharsyrap garady:
— Şir beçesi togsan tilkä atdyrmaz. Aýrylyň, çyndan arlamankam!
Magtymguly yzyna gaňrylyp garady:
— Eşidýäňmi, Ýagmyr? Şu ýatyşyna-da haýbat atýar. Nädeli?

Mazaly eýini ýetirelimi ýa-da…
– Aý, doňzuň ölse-de hor hory ýatmaz. Goýber… Alan galasy özüniňki!
Magtymguly onuň bokurdagyndan eli aýyrdy, aýak üstüne galdy. Ýagmyram dikeldi, bir gapdala çekildi-de:
– Hä-heý, zaluwat! Eli hut demir ýaly, tutan ýerini goparyp barýar – diýip, syzlap duran goşarlaryny owkalaşdyrdy.
Mäti ýerinden galmady, gaýtam goşa aýasyny ýassyk edinip, iki gözüni tämiz asmana dikip ýatyşyna göwnüniň höwesini mälim etdi:
– Magtymguly diýýän-ä… Gel, munça bolanyna görä, agşamky gazalyňy şu açyk howada-da gaýtala. Goý, Meňli gyzyň bir menzilden gulagy şaňlasyn!
Magtymguly käsedir tüňçäni torba salyp oturşyna, Mätiniň güne ýanan, gödeksi ýüzüne gytaklap seretdi:
– Görýän weli, seň bu gün işlemek hyýalyň ýog-ow!
– Aý, iş bizden gaçyp hiç ýere gidesi ýok. Onsoňam, sen gürrüňi başga ýana sowjak bolma. Şol gazaly gaýtalamasaň… Walla, bizem şu gün yzyňyzdan galmarys, tä gapyňyza çenli ugradarys.
– Şeýdiň, şeýdiň… Göriplikden gönenen ýokdur. Siziňem agzyňyz tagam tapasy ýok.
– Tagam tapman geçsin! – Mäti dikelip oturdy. – Senem-ä şu gün Meňli gyz bilen duşuşyp hezil edäýmersiň!
Mäti dostunyň gowşak damaryndan tutanlygyny duýýardy. Magtymguly ýüzüni aşak salyp, güýmenjirän bolup otyrdy. Onuň pikiri eýýäm obanyň, Hajygowşanyň töwerejinde gezmeleýärdi. Şeýlemikä? Belki, başga zat barada pikir edýändir? Belki, henizem Ahmet şaly mesele beýnisini igeleýändir? Ýok, ýok! Meňli gyz bilen sözleşýärdi… Mäti çakyny barlap görmegi ýüregine düwdi, öten agşamky eşiden gazalynyň ýatda galan sözlerini özüçe düzüp, ýuwaşja hiňlendi:

Gün hanjary gökden ýere uranda,
Aýa garşy dogan ýary gözel sen.
Ispyhanda… Ispyhanda…

Magtymguly durup bilmedi, gyjalatly ýylgyrdy:
– Hä-heý, zoňtar… Taňry saňa güýç paýlanşygynda iki paý beripdir. Emma akyl paýlanşygynda weli…
– Meň paýymam saňa beripdir! – Mäti şol bir şähdaçyklyk bilen dostunyň sözüni kesdi. Soňra bolsa, özelenip ýüz tutdy. – Hany, Magtymguly… Sadagaň bolaýyn, gaýtalasana şony…
Joşmak höwesi Magtymgulynyň özünde-de ýok däldi. Ol, dogrudan-da, Meňli barda oýlanýardy, onuň ýakyjy gözlerine uzakdan garap, sessiz sözleşýärdi. Mätiniň gaýtalajak bolýan goşgusy Meňli gyzyň şanyna bagyş edilip düzülen goşgudy. Çäksiz duýgy, gaýduwsyz hujuw bilen düzülen goşgudy. Mätiniň goşgyny suwumsyz gaýtalamagy şahyra garamady. Hiý-de, beýle pelteklige, beýle emelsizlige kaýyl bolup bormy!
Magtymguly iki elini guşagyndan geçirdi-de, ýüzüni Hajygowşana tarap tutup, pesaý seslendi:

Gün hanjary gökden ýere inende,
Güne garşy dogan aýy gözel sen!
Ussa Jepbar işi, Senjap jüpbesi,
Ispihanda gurlan ýaýy gözel sen!

Gyzyl diýsem – gyzyl, al diýsem – al sen,
Hindistanda – şeker, Bulgarda – bal sen.
Yşk bilen açylgan bir täze gül sen,
Ýusup-Züleýhanyň taýy gözel sen!

Magtymgulynyň goşgyny joşup labyzly okaýşy ýigitleriň ýüregine jüňk bolan bolara çemeli. Olaryň ikisi birden gygyrdy:
– Haý, berekella!
Şol wagt jülgeden bir ýetginjek eşegini loňkuldadyp çykdy, ýigitleri görüp, bogazyna sygdygyndan gygyrdy:
– Ýagmyr! Ogluň boldy… Buşluk!
Hoş habar ýigitleriň höwesine höwes goşdy. Ýagmyryň bolsa depesi göge ýetdi. Ol geçen ýyl öýlenipdi. Ynha, indem ilki zürýat dünýä indi,ogly boldy. Ogul… Soňky günler bu söz onuň dilinden düşenokdy. Bar höwesi, bar arzuwy oguldy. Eger gyz bolaýan bolsa, onda gözleri, ähtimal, häzirki ýaly şadyýan ýylgyrmazdy. Ýüzüni turşardardy, ökünerdi, hyrçyny dişlärdi.

Onda ony ýutlan-da bolmazdy, gaýtam gyjalat bererdiler, oýunlyga salyp onuň çetine degerdiler. Emma häzir welin… Häzir ony dostlary, göýä diýersiň özleri perzentli bolan ýaly, uly hoşallyk bilen gutlaýardylar.
Ýetginjek eşeginden düşüp, Ýagmyryň gabadyna geldi-de:
— Näme buşluk berjek? — diýip, mönje gözlerini oýnaklatdy.
Ýagmyr ýaýdanjyran bolup jogap berdi:
— Be, men saňa näme bersemkäm? Bir eşek ýüki ot beräýeýin?
— Eý-hoo! Otuňy başyma ýapaýynmy… Oglum bolsa, buşlana gaýyş kemerimi berjek diýipsiň. Şony bermeseň razy bolmaryn.
— Razy bolmagyn, Garaja. — Magtymguly ýetginjegiň goltugyndan gop berdi. — Özüm bolsam-a, seň egniňe täzeje hywa donuny atardym.
Ýagmyr Magtymgulynyň ýüzüne ýylgyryp bakdy-da, ýetginjege bakan elini salgylap goýberdi:
— Bar, şol kemer seniňki bolsun!
Garaja monça boldy. Ol ylgap baryp eşegine mündi, alan sowgadyny ilata buşlamak üçin, kötel ýol bilen oba bakan eňdi.
Magtymguly onuň yzyndan garap gülümsiredi:
— Serediň: depesi göge ýetdi. Guşakly boldy… Indi dondyr ädik islär. Soňra atdyr ýaragly, maldyr mülkli bolsam diýer. Ynsanyň bolşy şeýle: hemişe köpüň ylgawynda…
Mäti berdaşly goluny Ýagmyryň çignine atdy:
— Seň Bossanyň, tüweleme, zor çykdy… Oguldan başlady…
— Saňa-da Hudaý ýetirsin.
— Aý, näbileýin… — Mäti göwnüçökgünlik bilen başyny ýaýkady. — Ozal-a öýlenmek bir hillalla. Öýlenensoňam, Alla bilýä, ogul boljakmy, gyz boljakmy…
Magtymguly ara düşdi:
— Päheý! Ony bilmekden aňsat näme bar? Getir eliňi…
Mäti dostunyň wäşisireýänligini bilse-de, elini uzatdy:
— Me… Belkem, mollanyň peýdasy degäýedi…
Magtymguly onuň eliniň aýasyna dowamly garady-da, çynyrgap gepledi:
— Ogluň bor. Ýöne ejesine meňzär…
— Wah, birimize meňzese kaýylla… Goňşyňa meňzese nädip bor?
Dostlar hezil edip gülüşdiler. Şol wagt golaýdan at toýnagynyň

sesi eşidildi. Magtymguly ses gelýän tarapa esetdi-de, ýoldaşlaryna üm atdy:
– Adna han gelýär. Baryň biriňiz atyny tutan boluň. Goý gomparsyn!
Onýança atly golaý geldi. Atyň üstünde egni gyrmyz donly, başy ak telpekli, aýagy gara ädikli, daýanykly ýaş ýigit otyrdy. Bir çigninden tüpeň, beýleki çigninden egri gylyç asylgydy. Ýüpek guşagyndan bolsa ak saply pyçagy gysdyrypdyr.
Ýagmyr ylgap baryp atyň jylawyndan ýapyşdy, ýalym-ýulumsyrap Adna hana atdan düşmegi mürähet etdi. Adna han ýigitleriň ony oýnajak bolýandyklaryny duýdumy-nämemi, atynyň jylawyny gaharly dartyp, bir gapdala çekdi-de, gabarylyp söz gatdy:
– He-e… Çaý içýäňizmi?
– Hawa, Adna han, çaý içýäs. – Mäti sowuk gülümsiredi. – Arasynda bilem tutuşýas. Meýliň bolsa düş atdan!
Adna han gamçysy bilen eýeriň gaşyna ýeňil-ýeňil kakyp, şol bir howasy belentlik bilen jogap berdi:
– Meýliňiz bil tutuşmak bolsa, şaýyňyzy tutuberiň. Ýaňy uly geňeş boldy. Ýaşulular Gandagara indiki hepdäniň içinde atlanmagy maslahat bildiler. – Adna han ýanyp duran gözlerini ilki Ýagmyra, soňra Mätä bakan öwürdi. – Ikiňizem gidýäňiz. Seňem… – Adna han Magtymgulyny dikanlady. – Seňem agalaryň gidýä. Mämmetsapa-da, Abdylla-da, ikisem gidýä…
– Meň agalarym gitmez! – Magtymgulynyň ýigit gözleri ýalynlap ýandy. Mämmetsapa-da gitmez, Abdylla-da…
– O näme üçin gutmez?
– Sen gidýäňmi?
– Men Astrabada gitmeli… Ondanam, belki, aňyrlygyna giderin.
– Kakaň gidýämi?
– Oň ýarawlygynyň ugry ýok…
Adna hanyň getiren habary Magtymgulynyň çyndan degnasyna degen bolara çemeli. Ol ýerinden gaharly galyp, bogazyna bat berip gepledi:
– Bilýäňmi näme Adna han… Kakaňa aýt: il bendäni heläk etmesin. This onsuzam adam bary gan ýuwdup gün görýär. Pälinden gaýtsyn, Ahmet şadan bize howandar bolmaz!
– Eýse kimden bor? – Adna han içýakgyç gülümsiredi. – Belkem,

seň başyňa täç atarys?
– Akmak gürrüň etme. Men seň bilen çyndan gürrüň edýän. Jan hemme üçin şirindir. Siz bolsaňyz… Siz diňe öz janyňyzyň gadyryny bilýäňiz. Kakaň ýarawlygynyň ugry ýok… Sen Astanababa gitjek… – Magtymguly Mätidir Ýagmyra bakan elini salgylap goýberdi. – A bular… Bularyň janynyň siz üçin… – Magtymguly egilip, ýerde ýatan gury çöpi aldy. – Siz üçin, ine, şu gury çöpçe-de gadyry ýok!
Adna han sojap dem aldy-da:
– Saňa… Saňa akylyny Hywada ýele berip gelen diwana diýerler! – diýip, atynyň jylawyny gaharly çekdi, gitjek boldy.
Mäti towsup baryp, atyň jylawyndan ýapyşdy:
– Hany, ýene bir gezek gaýtala şol aýdanyňy!
– Gaýtalamda nädersiň?
– Gaýtala… Onsoň nätjegimi görersiň!
Magtymguly ara düşdi:
– Çekil, Mäti… Akmak bilen deň bolma… Çekil!
Adna han atynyň gandyzyna gamçy bilen çaldy-da:
– Men size kimiň akmaklygyny görkezerin – diýip, hüňürdäp, Hajyýowşana bakan ugrady.
Ýagmyr töweregini ýaňlandyryp güldi:
– Hah-hah-ha-a!
Magtymguly esli wagt agyr-agyr dem alyp, Adna hanyň giden tarayna garap durdy. Soňra ýuwaş seslendi:

– Bulam han bolup ýerişdi… Adna han… – Magtymguly uludan dem aldy. – E-ý, pany dünýä… Gör, kimleri arşa çykardyň! Gör, kimleri şir kyldyň!
Şahyr öz setirlerini içinden gaýtalady:

Ýa ýaradan, arzym bardyr alnyňa,
Merdi namart, namartlary mert kyldyň.
Dünýä ykbalyny tutup goluňa,
Her tilkiden gaplaň kyldyň, gurt kyldyň…

Ýigitler ünjüli göwün bilen işe başladylar. Assa-assa aşaklap gelýän gün «Kemerli» dagyny erňekläp ugrady. Töwerekden gündiziň ýeňil howry göterilip, ýer-de, asman-da çigräp

başlady. Emma Magtymguly çigrek syzanokdy, uzynly gün, gara der bolup ýygnan otuny küdeleýärdi. Ol howlugýardy. Tizräk jülgeden çykmagyň, Gürgen derýasynyň kenaryna ýetmegiň arzuwyny edýärdi.
Ynha, ol maňlaýynyň derini, syldy, bilini ýazdy. Töwerek barha öçügsireýärdi. Dürli-dürli agaçlara basyrnan, günbatardan gündogara tarap, Horasan düzlügine tarap uzap gidýän daglaryň keşbi barha solgunlaýardy. Tizräk atlanmalydy…
Golaýdan Mätiniň sesi eşidildi:
– Gitdikmi, Magtymguly?
Magtymguly suwly jürdegi göterip, bogazyny ölläp jogap berdi:
– Siz gidiberiň. Menem, ine, bardym…
Dostlar Magtymgulynyň näme üçin güýmenjireýänligini bilýärdiler. Şonuň üçin-de gaýdyp oňa sowal-sorag bermediler, ýabylaryna ot baryny ýükläp oba bakan ugradylar.
Magtymguly uzak eglenmedi. Ol tiz zatlaryny ýygnaşdyrdy-da, äkitmek üçin desseläp goýan otuny ýabysyna ýükledi-de ýola düşdi. Agaçlyk jülgäniň içi bilen bir ýokary galyp, bir aşak inip egrem-bugram bolup gidýän ýoda darajykdy, kä ýerleri bolsa örän köteldi. Şonuň üçin bolsa-da bolar, töwerek birhili ýürek gysdyryjy täsir edýärdi. Emma Magtymguly töweregine ser salman, ýakymly pikirleriň ýeserçililigini çekip barýardy. Ynha, garaňky jülge yzda galdy, ýoda ýokarlygyna, otsyz-çöpsüz baýyrlyga dyrmaşyp ugrady. Haý diýmän bolsa Hajyýowşan göründi.
Şahyr ýabysynyň jylawuny çekdi, baýyr belentliginden oba ser saldy: Hajyýowşan Gürgen derýasynyň demirgazyk kenarynda giň mrýdany tutup otyrdy. Obanyň içi gaýda-gaýmalaşykdy, ikindiniň alada-derdeseri uly-kiçini herekete getiripdi. Adam bary mal-garany suwa ýakyp, ot-iým berip, içerini-daşaryny süpürüşdirip, gara başyna gaýdy. Ojak-tamdyrlardan çabrap çykan ýiti ýalyn ikindiniň gyrmyzy şapagy bilen sazlaşyp oba birhili geň enaýy dabara berýärdi. Oglan-uşagyň, mal-garanyň, it-güjügiň sesi biri-biri bilen garyşyp, asmanda düşnüksiz owaz birsyhly ýaňlanýardy.
Hajyýowşanyň gündogary ulgam-ulgam daglykdy. Çomur gökleňleriň galapyny şol tarapda Horasan daglarynyň jülgelerinde

ýaşaýardy. Obanyň günbatary gözüň ýetdigiçe tekiz sährady. Ol tarap ýomutlaryň mesgenidi. Dikan demirgazykda Soňudagy howalanyp görünýärdi. Onuň bäri eteginde, gündogardan towlanjyrap gelýän etrek derýasyny ýakalap, ýomut hem gökleňleriň çarwalary oturýardy. Dagyň arkasy ýene-de giden düzlükdi. Gündogary Jeýhun, demirgazygy Garagum, günbatary Hazar deňzi, günortasy Horasan daglary, het-hasapsyz uzap gidýän ümmülmez sähra türkmenleriň ata-babadan gelýän mesgen-mekanydy. Ýomut, gökleň, teke, ärsary, saryk, salyr, alili, ýemreli – onlarça urug taýpalar şol äpet düzlüge eýelik edýärdi. Dogrusy, onda güzeran görýärdi. Ýurt olaryňky bolsa-da, eýelik ygtyýary olarda däldi. Ülkäniň bir bölegi Hywa hanynyň ejiri asrynda köýüp bişse, galan bölegi Buhara emiriniň, Eýran şasynyň ganhor jellarlarynyň zulum-sütemi astynda nalýardy. Arkasyz millet, eýesiz ýurt… Ony çem gelen çapýardy, talaýardy. Oňa penalyk edýän, howandarlyk gözi bilen garaýan ýokdy. Gözel ýurt at toýnagynyň astynda tozýardy.
Şahyryň häzir agyr pikirleriň keşdini çekesi gelenokdy, juwan kalby başga höwes bilen dem alýardy. Ol ýabysynyň böwrüne çala depdi, esli ýerden serhet çekip geçýän Gürgen derýasyna bakan sürdi.
Ikindin çaglary Gürgeniň kenary märekäniň göçgünli ýeridi. Elleri küýzeli, ýaşyl-gyrmyz geýnen gelin-gyzlar, mähirli garaýyşlara intizar, joşgun ýürek ýigit-juwanlar, umydy kemelip, ahmyry köpelen kempir-gojalar, dünýä gamyndan bihabar ýaş-ýetginjekler – obanyň külli ilaty diýen ýaly derýanyň kenaryna üýşýärdi. Kimse suw alýardy, kimse mal ýakýardy, kimse pinhan duşuşuk üçin amatly pursat agtarýardy. Hawa, pinhan duşuşuk üçin… Söýgi gaýynyň ýesirligine düşen jahyl-juwanlar üçin Gürgeniň kenary duşuşyk jaýydy, tapyşyk kenarydy. Ynha, üç sany boýdaş gyz, derýanyň kenarynda küýzelerini suwdan dolduryp, güýmenjiräp dur. Olardan ýedi-sekiz ädimlikde iki sany ýigit, dyzyna çenli çermenip, atlaryny ýuwýar. Ýigitleriň iki gözi ýyzlarda: gezekme-gezek lak atýarlar, göwünden turujy sözler yçurýarlar. Eýsem-de bolsa olaryň wäşiligi gyzlara ýaraman duranok. Olar juwanlara ogryn-ogryn garap, göz-gaşlaryny oýnadyp, olaryň höwesini

paýlaşýarlar. Kim bilýär, belkem, ertir hut şol tanyş gözler suw ýolunda ýa-da derýa kenarynda ikiçäk duşuşarlar. «Göz göwün çeşmesidir!» diýip ýöne ýere aýdylmaýar ahyry!
Magtymguly gabagyny galdyrman, şirin pikirleri töwereginden kowman gelýärdi. Ol ýadawdy, açdy. Onda-da juwan kalby üýtgeşik bir duýgy bilen dem alýardy. Gürgene ýakynlaşdygyça süňňi ýeňleýärdi, ruhy göterilýärdi. Ol ýuwaşja hiňlendi:

Keşt eýledim, gezdim yşkyň dagynda,
Ne beladyr, kimse çeker bu derdi?
Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan,
Gök titreýip, çeke bilmez bu derdi…

Yşk derdi! Ýaş şahyryň takadyny elinden alan, ruhuna howsala salan, aslyýetinde şol dert dälmi? Näçe aýdyr alyklyk dumany başyndan ýidenokdy, ne jany rahatlyk duýýardy, ne-de göwni ynjalyk tapýardy. Ýatsa-tursa Meňli gyz gözüniň öňündedi. Onuň görkana ýüzi, nurana gözleri ýalynsyz ýakýardy, otsuz köýdürýärdi. Ol göwnünde Meňli gyzy besläp, onuň maral gözlerine guwanyp gelýärdi. Onuň bilen sähelçe wagt duşuşaýsa, hiç bolmanda uzakdan nazar bilen sözleşäýse, ähli argynlygy bedeninden uçup ötägitjek, göwresi ýeňläýjek ýalydy.
Meňli gyz! Magtymguly üçin mähir gülleriniň içinde ondan owadan, ondan ajap gül ýokdy. Şonuň üçin-de onuň intizaryny çekmek ýigide diýseň agyr düşýärdi. Emma alajy näme? «Gül tikensiz, ýar dertsiz bolmaz» diýipdirler.
Hawa, Magtymguly ýar höwesi bilen dem alyp, göwnünde Meňli gyzy besläp gelýärdi. Hatda onuň derýanyň kenarynda küýzesini suwdan dolduryp, güýmenjiräp durşuna çenli gözüniň öňüne getirýärdi. Ynha, ol bärden ýabysyny säpjedip barar. Meňli gyz ony ýyly nazary bilen garşylar. Olar biri-birine golaýdan garap, sessiz sözleşerler, sähelçe wagt bolsa-da, mähremgözler birek-birege şöhle saçar, göwünler birek-birekden suw içer. Töwerekde göz-gulak bolman, ikiçäk gürleşmek miýesser bolaýsa… Wah, oňa ýetesi näme bolup biler?
Magtymguly ýüregini umyt şöhlesinden dolduryp, Gürgeniň kenaryndan aşak indi. Derýanyň boýunda adam-gara ýokdy. Gijä

galaýdymyka? Ýok, gün heniz ýerine girmändi, töwerek ýagtydy. Bu wagtlar derýanyň boýy beýle sus bolmaly däl ahyry. Ol gylýalynyň jylawyny çekip, oba bakan umyt gözi bilen garady. Üç-dört sany gelin-gyz köne jardan aşyp, ýapy bilen ýokarlygyna galyp barýardy. Belkem, şolaryň biri Meňli gyzdyr? Ýok, ýok… Olam soňky wagtlar suwa täk gelip, täk gitmäge endik edipdi. Onuňam näzik kalby durmuş höwesi bilen dem alýardy, olam şahyr ýigide gabat gelmek, onuň şirin gazallaryny öz agzyndan diňlemek umydy bilen ýaşaýardy. Ol ýaş şahyryň akylly, edep-salykatly, ajap gazal düzüşi barda köp öwgi-taryp eşidýärdi. Onuň goşgularyndan käsini ýatdan hem bilýärdi, özünem telim gezek golýdan görüpdi. Ýöne bir görmegem däl, hatda ýüregininiň çuňlugyndaky duýgyny oňa gyz näzikligi bilen duýdurypdy. Olam ikiçäk gürleşmegiň, göwün açyşmagyň arzuwyndady. Emma gapyl durmuş erkine ygtyýar bermese, belent diwar bolup üstüňe abanyp dursa nädip gürleşjek, nädip göwün açyşjak.

Magtymguly gam laýyna batyp, derýanyň beýle ýüzüne geçdi. Gözüne gara ilmedi. Derýanyň kenaryna baryp, iki gözüni akar suwa dikdi. Göwnüne bolmasa, Meňli gyzyň gözel keşbi, hut aýnadaky ýaly, suw ýüzünde ýalpyldap durdy. Ol owadan gözlerini güldürip, näzik ýylgyrýardy. Emma ol ýylgyryşda birhili alada gatanjy, syrly dert bar ýaly görünýärdi.

Şahyr aşak oturyp, suwa has siňňitli garady, garadygyça Meňli gyz ýakyn geldi, hatda onuň ýyly demini golaýdan syzdy. Ol gyzyň lowurdap duran gara saçlaryny sypaýjak bolýan ýaly, elini seresaplyk bilen suwa urdy. Suw çaýkanyp, Meňli gyz nazaryndan gaýyp boldy. Magtymguly gyzy hemişelik ýitiren ýaly, perişan dem alyp, ýerinden galdy, ýabysyny idip, oba bakan ugrady. Ol jara golaýlanda, çöken göwni gaýtadan tarsyldap urdy: oba tarapdan egni küýzeli bir gyz ýeňil gadam basyp, kötel ýol bilen aşaklygyna inip gelýärdi. Kimkä? Belkem, Meňli gyzdyr? Hawa, şol kamatydy, şol gadam urşudy. Magtymgulynyň juwan kalbynda ýigitligiň päk, mukaddes duýgusy ýalyn bolup lowlady. Ol özüni jara atyp, gyzyň gelerine garaşyp durdy. Wagt geçmän, keýik kimin töweregini garanjaklap, Meňli göründi. Ol ýaş şahyryň jaryň ortsynda

ýylgyryp duranlygyny görüp, gorkuly tisgindi, öňe ýörejegini, yza tesjegini bilmän, ýaýdanjyrap durdy. Soňra seýkin basyp, aşak indi. Magtymguly ylgap baryp gyzyň goşa golundan ýapyşdy, onuň mähirli owadan gözlerine çäksiz guwanç bilen garady. Gyzyň ýüzi şatlykdanmy, utançdanmy, boz-ýaz boldy. Ol hereket-duýgudan kesilen ýaly, ýüzüni aşak salyp, gözlerini süzüp durdy. Magtymguly ony emaý bilen goltugyna gysdy, teşne lebler birden titredi. Şol barmana gyz huşuna geldi, allaniçigsi bolup, ýylan kimin towlanjyrap, ýigidiň goltugyndan sypdy, ony ýyly nazar bilen sylaglap, derýa bakan ylgady.

Şahyr göwresinden ruhy uçan ýaly, ep-esli wagt ýerinden butnaman, alasarmyk halda ýaýdanjyrap durdy. Onuň ýörite Meňli gyz üçin düzen setirleri, ýüreginde beslän niýet-arzuwlary bardy. Ne setir aýdyp bildi, ne arzuw-niýetini ýetirdi. Meňli gyz, agyr buludy böwsüp çykan güneş kimin, töweregine çala nur saçyp, gözden gaýyp boldy.

Magtymguly ýabysy bilen sazlaşykly gadam urup, jardan ýokarlygyn galyp ugrady. Onuň aýaklary diýen etmejek bolýardy, zordan gadam urýardy. Yzyna dolanaýsa, Gürgeniň güzerine bakan gadam goýýsa… Onda ökjesem ýeňlejekdi, ýüreginiň urgusam üýtgejekdi. Emma yza dolanmagyň uslyp däldigine, özüni-de, Meňlini-de agyr güne salaýmagynyň ähtimallygyba gözi ýetýärdi. Şonuň üçin-de, kynlyk bilen bolsa-da, öňe ümzük atýardy.

Hajygowşanyň orta gürpünde iki sany öý goşa gümmez ýaly bolup otyrdy. Olaryň biri Magtymgulynyň kakasynyň, Döwletmämmediň ýatyp-turýan öýüdi. Beýlekisi, golaýda tutulan ak öý Döwletmämmediň uly oglunyň, Abdyllanyň öýüdi. Öýleriň gapysynda ýeke gat tam, daşy suwalan kepbe, kepbäniň arkasynda mal ýatagy bardy. Mal ýatagynda üç-dört sany gara mal, goýundyr geçi daňylgy durdy.

Magtymguly köne jardan ýokarlygyna galyp ugrnda, Abdylla mallara ot-iým berip, inisiniň gelerine garaşyp durdy. Niredendir Mäti geldi, Abdyllanyň golaýyna baryp, söýünçli seslendi:

— Gözüň aýdyň! Bu gün-erte ugraýas… Senem gidýäň…

— Aý, goýa!

— Hawa… Häzir ýaşullaryň bary Garly serdaryňkyda. Uzynly gün

geňeşe-geňeşe, ahyry atlanmagy maslahat bilipdirler. Serkerdeligem Çowdur hana tabşyrypdyrlar. – Mätiniň ýigit gözleri şadyýan oýnaklady. – Gideris… Ýurt göreris… Keýp çekeris…
Ýabysyny ysgynsyz iýdip Magtymguly geldi. Ol aňyrdan gelşine Mätiniň sesini eşiden bolara çemeli. Aýak çekip, esli ýerden gygyrdy:
– Nirede keýp çekjek?
– Gandagarda! Ahmet şanyňkyda! – Mäti şol bir bady belentlik bilen jogap berdi. – Adna hanyň aýdany dogry bolup çykdy, ýaşullar atlanmagy maslahat bilipdirler. Menem gidýän, Abdylla-da…
Magtymguly hut agyryly damaryndan tutulan dek boldy, ýüzi gyzryp gitdi. Ol birhowa böwrüni diňläp durdy-da, göýä diýersiň gulagyna ýakmadyk habara agasy günäkär ýaly, onuň ýüzüne alarlyp seretdi:
– Kakamam şo taýdamy?
– Hawa, kakamam şo taýda. Gökleňiň ähli ýaşullary şo taýdamyşyn…
Magtymguly otuny düşürip, ýabysyny daňdy-da, tama giripdi, donuny egnine atyp, sen-men ýok serdaryň öýüne bakan ugrady.
Garly serdaryň öýleri obanyň bir çetinde, özbaşyna hatar gurap otyrdy. Öýleriň töwereginde toý gününiň dabarasy duýulýardy: adam bary çaý gaýdyp, nahar bişirip, ulaglara ot-iým berip, garabaşyna gaýdy.
Magtymgulyny sakgallak ýaşuly garşy aldy. Ol könelşen gözlerini ýeserlik bilen güldürdi-de:
– Oglum! Wakyrdaşaryn diýseň, ynha, bu öýe gir. Ýok, gep nokatlaryn diýseň, ol öýe bar – diýip, ortaky öýi görkezdi.
Magtymguly ortaky öýüň gapysyna bardy, içerik girip salam berdi.
Döwletmämmet hemmeden öňürti seslendi, ýanyndan ýer görkezdi:
– Gel, oglum… Gel, şujagaz ýerik geçäý…
Magtymguly ýaşulular bilen görüşdi-de, kakasynyň ýanynda ýerleşdi.
Owadan halydyr halyçylar, çuwaldyr torbalar bilen bezelen bu öýüň içi jemendeden hyryn-dykyndy, gökleňiň ile belli

ýaşulululary üýşüpdi. Gapydan gireniňde sag böwürde öýüň eýesi, Garly serdar aýbogdaşyny gurap otyrdy. Ol orta boýly, semiz gyzylgyt ýüzli, ýogyn adamdy. Tahýaly kellesi göwresine görä-de goçakdy, çalaran sakgaly bolsa, ýassy döşüni örtüp durdy.
Garly serdar bilen gabatdaş Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet otyrdy. Ol serdara görä uzynaldy, hortaňdy. Ýaş jähtdenem ondan uludy: süňklek ýaňaklaryny örtüp duran, selçeňlän sakgalynda gara tüý ýokdy…
Magtymguly içerik girende Döwletmämmet gürläp otyrdy. Ara düşen ümsümligi ýene şol bozdy:
– Hawa adamlar… «Dost ekiz, duşman sekiz» diýipdirler. Biziň ýagymyz kän. Gyzylbaş bir tarapdan… Hywa hany ikinji tarapdan… Buhara emiri üçünji tarapyndan… Dişini çarhlaýan kän. Olaryň haýsy birine ýalnyp gün görjek?
Dartgyn göwreli, gyrçuw gara sakally, eserdeň gözleri ýanyp duran pyýada – Çowdur han Döwletmämmediň sözleriniň üstüni ýetirdi:
– Özümizem gyr-tutuş.
– Hawa, özümizem gyr-tutuş. – Döwletmämmet Çowdur hanyň sözlerini baş atyp tassyklady. – Göz göze ýagy. Bu apaty döwürde kimiň syýyndan ýapyşjagyňy biler ýaly däl. Alla bilýär, Ahmet Dürranam maňlaýymyzdan dirärmi-diremezmi…
– Dirär! – Garly serdar pert gepledi. – Oňa-da söýenere söýget gerek. Onsoňam, biziň ondan ullakan tamamyz ýok. Öz raýaty ýaly görüp, her ýetene debsiletmese bolýa.
Magtymguly gürrüňe goşuldy:
– Hem gorap, hem talaýsa nädip bor, serdar aga?
Kakasynyň, Garly serdaryň golaýynda oturan Adna han azgyrylyp gepledi:
– Sen bir otursana aýt… Ýaşullar barka, saňa-maňa sokjarylmak nämä gerek?
Magtymguly gaharly gözlerini Adna hana dikdi, onuň gaýtargysyny berjek boldy. Emma Çowdur han ondan öňürtdi. Ol Adna hanyň al-petinden aldy:
– Agza-burna ýapyşyberme! – Adna hanyň ýüzüne kül urlan dek boldy. Çowdur han nazaryny Magtymgula bakan sowdy. – Gürle, şahyr. Dök göwnüňdäkini!

Magtymguly gabagyny haýal galdyryp, Adna hany ýene bir gezek nazar bilen dalady. Soňra Garly serdara dikanlap, howlukman gepledi:
– Geçmişiň gowgasyny, serdar aga, siz bizden gowy bilýäňiz. Şadyr soltan bary üstümizden kerwen gurap geçdi. Geliň, özüňiz aýdyň, hiý şolaryň içinde içinde maňlaýymyzdan diräni boldumy? Bary dumly-duşa ot berip gitdi. Ahmet Dürranam zoryň biri…
– Dogry aýdýaň, şahyr. – Serdar içki gyzgynyny duýdurman, parahatsyrap gepledi. – Ahmet Dürranam zoruň biri. Zor bolany üçin biz şoň syýyndan ýaoyşjak bolýas. «Agyr ýüki güýçli gol götär» diýipdirler. Biziň ýükümiz agyr, diňe goly güýçli adam bize arka durup biler.
– «Zoruň merhemeti gamçysynda» diýenem nakyl bardyr, serdar aga. Bu gün hažyk-hužuk edip, ertir kebzämize münäýse, Nedir şa kimin beýnimizi çokalaýsa, ýiligimizi soraýsa… Şonda nädip bor?
Serdardan ses çykmady. Döwletmämmet gürrüňi ýumarlajak bolup çalyşdy:
– Nedir şany ýere ýykan, oglum, halkyň nalasy boldy. Ahmet Dürrany onuň hyzmatynda bolan adam. Belkem, durmuşdan ybrat alandyr.
– Ýok, kaka… Ahmet Dürranam şöhrat neşesi beýnisine uran zalymyň biri. Ölüm gapysyndan başga açyk gapy goýmaz!
– Mazarlygy arzuw edýän ýokdur, şahyr. – Serdar ýene-de sabyrlysyrap gepledi. – Bizem ine-gana ýaşamagyň arzuwynda, bizem asudalygyň ýoluny agtarýas. Apat gowgasyndan gorap biläýjek howandar agtarýas.
– Onda Gandagara adam iberjek bolup azara galmaň. Ahmet Dürranydan millete howandar bolmaz.
– Eýse kimden bor! – Serdaryň sesi mese-mälim goýulandy. – Belkem, gönüräk ýol salgy berersiň?
– Gönüräk ýoly geňeşi tapmaly. Bilelikde tapmaly… Ýomutlara adam ibermeli… Tekelere sala salmaly… Külli türkmeniň agzyny birikdirjek bolmaly…
Köse sakgally ýaşuly gapydan kellesini uzatdy:
– Etreklilerem geldiler, serdar…
Serdaryň gürrüňi bes edesi gelip duran bolara çemeli. Ol sen-

men ýok ýerinden galdy, gaharly ardynjyrady:
– Hany onda, myhmanlary garşylalyň…
Öýdäkileriň bary birden ördi. Daşaryk çykylandan soň Döwletmämmet gadamyny gysgaltdy. Magtymgula ýüz tutdy:
– Nähak ýere ganyňy gyzdyrma, oglum. Serdar niýetinden dönmez, maňlaýy daşa degýänçä gidişer. Gowusy, bar, dynjyňy al…
Serdary niýetinden dänderip bolmajagyny Magtymgulynyň özem duýýardy. Şonuň üçin-de kakasynyň maslahatyny gepsiz-gürrüňsiz kabul etdi, öýlerine bakan ýöneldi.
Şahyr tamynyň gapysyna gelip aýak çekdi, birhowa töweregini garanjaklap durdy. Ol henizem Garly serdar bilen gepleşýärdi, oňa uzakdan haýbat atýardy. Mämmetsapanyň töweregi ýaňladan gülküsi ony agyr pikirleriň penjesinden çekip aldy. Ol gapynyň agzyndaky sekiniň üstünde duran kündüklerden birini alyp, elini ýuwdy, agasynyň öýüne girdi. Abdylla bilen Mämmetsapa çaý içip, ondan-mundan gep urup, dynç alyp otyrdylar. Dogrusy, Magtymgulynyň gelerine garaşyp otyrdylar.
Üç dogan. Üçüsem iner ýaly ýigitler. Şeýle göräýmäge, olaryň haýsynyň ýaşynyň ulydygyny, haýsynyň ýaşynyň kiçidigini seljerer ýalam däl. Üçüsem uzyn boýly, sagdyn göwreli ýigitler. Ýaňy otuzy dolduran Abdylla inisi Magtymgulydan alty ýaş dagy uly-da bolsa, syrat jähtden ondan gatybir tapawutlananokdy. Ol Magtymgula görä ýognasdy. Onuň güne ýanan, süýrürägeden goňras ýüzi gyzylgytdy, ýaňaklarynyň gany ýere damaýjak bolýardy. Magtymgulynyň ýüzi aksowultdy, agasynyňka görä öçügräkdi, ýigit gözlerem birhili tebigy agrslyk bilen agyp dönýärdi. Mämmetsapa görk jähetden Magtymgula çalym edýärdi. Olam aksowult ýüzli, degenek ýigitdi. Onuň üstesine keşbi açykdy, gözleri birsyhly ýylgyryp durdy.
Abdylla demlengi duran çäýneklerden birini Magtymgulynyň öňünde goýdy-da:
– Al, çorba gyzdyrylýança bir käse çaý iç – diýdi.
Magtymguly çäýnege göwünsiz el uzatdy. Mämmetsapa ony gepletjek bolup çalyşdy:
– Ýeri, onsoň, serdary yryp bildiňmi?
Magtymguly çaýyny howlukman gaýtaryp oturşyna, pikirlenip

jogap berdi:
— Serdar gurt bilen guýruk paýlaşyp, çopan bilen meýlis gurmaga endik eden adam. Ol Ahmet Dürranynyň syýyndan ýapyşyp at gazanjak, külli gökleňiň, başarsa külli türkmeniň serdary boljak. Oň ýitirýän zady ýok. Emma sen… — Magtymguly Abdyllanyň ýüzüne aladaly bir nazar bilen garady. — Sen Gandagara atlanyp näme nep görerkäň?
Abdylladan ses çykmady. Magtymguly şol bir gaharly äheňde dowam etdi:
— Näme üçin serdaryň özi gidenok? Näme üçin ogluny, Adna hany iberenok? — Şahyr demini kem-käs dürsäp, öz sowalyna özi jogap berdi. — Sebäbi ol bize görä akylly. Gandagara gitmek üçin azyndan on ýerde uçurumdan towusmaly. Onuň pelek bilen oýun salyşasy gelenok, janynyň gadryny bilýä. Biz bolsak… Biz ne janymyzyň gadryny bilýäs, ne durmuşyň tagamyny…
Doganlaryň üçüsem pikire çümdi, esli wagt birek-biregiň ýüzüne esetmän, dymyp oturdy. Ahyrda Magtymguly başyny galdyrdy, Abdyllanyň ýüzüne dykgatly seretdi.
— Ahmet şaham agzy ganly bir gurtdyr. Gurtdan goýna çopan bolmaz. Gitme!
Abdylla jogap ýerine ulydan bir dem aldy.

---

*1 Ahmet şa Dürrany (1747-1773) — sadozaýlar dinastiýasynyň düýbüni tutan, özbaşdak Owgan döwlerini döreden patyşa. Şol döwletiň paýtagty Gandagar şäheri bolupdyr.*
*2 Anuşirwan — altynjy asyrda hüküm süren eýran şasy Hysrow birinjiniň lakamy.*

Dowamy bar >> Taryhy proza